# TÜRKMEN DILI

**1.** Adamyň begenjini, gynanjyny, ökünjini, geň galmany, birek-birege sylag, hormaty ýüzlenmegi bildirýän, olara dürli ýumuşlar buýurmak üçin ulanylýan sözlere näme diýilýär?

A) *modal sözler* B) *kömekçiler*
C) *ümlükler* D) *sözsoňular*

**2. -ar, -er** goşulmalary haýsy işlikleriň goşulmalary?

A) *nämälim geljek zaman*

B) *umumy häzirki zaman*

C) *häzirki zaman*

D) *dowamly öten zaman*

**3.** Şu aşakda berlen haýsy jogapdaky sypat sözleriň ýazylyşy dogry berlen?

A) *gögüräk* B) *gögyräk* C) *gogräk*
D) *gögiräk*

**4.** Goşulyp ýazylýan goşma sözleriň düşürilip aýdylýan çekimli sesleri nähili ýagdaýda galdyrylyp ýazylýar?

A) *Has at bolmasa* B) *Eýe we habar bolmasa*
C) *Jyns at bolmasa* D) *Doldurgyç bolmasa*

**5.** Sitatalaryň, sözlemiň başynda belent äheňde aýdylýan ýüz tutma sözüniň we ümlükleriň birinji sesi nähili ýazylýar?

A) *Baş harp bilen ýazylýar*

B) *Kese çyzyk goýup ýazylýar*

C) *Setir harp bilen ýazylýar*

D) *Göşa dyrnaga alyp ýazylýar*

**6.** *Kemine diýr, geler bir gün şum ölüm,*
*Kimsäge – toý-baýram, kimsäge zulum.*
Şu goşgy setirlerinde antonim sözler haýsy jogapda dogry berlipdir?

A) *Kimsäge <u>zulum</u>*

B) *Kemine diýr, geler bir gün <u>şum ölüm</u>*

C) *Kimsäge – <u>toý-baýram</u>, kimsäge <u>zulum</u>*

D) *Geler bir <u>gün</u>*

**7.** Çeper edebiýatda ýa-da sözleýiş dilinde görkeziljek bolunýan zatlaryň, wakalaryň, hadysalaryň öz adaty boluşlaryndan has ulaldyp görkezilmegine näme diýilýär?

A) *litota* B) *etitet* C) *giperbola*
D) *antiteza*

**8.** Ýüzlenme sözlem diýip nämä aýdylýar?

A) *Bir zady başga birine habar bermek üçin ulanylýan sözleme*

B) *Birine ýa-da bir zada ýüz tutulyp aýdylýan sözleme*

C) *Içki joşguny bildirýän sözleme*

D) *Bir zady soramak üçin ulanylýan sözleme*

**9.** Işligiň öten zaman şekilleri birinji ýöňkemede gelende, gymyldy-hereketiň kim tarapyndan ýa-da onuň gatnaşmagynda ýerine ýetirlendigini aňladýar?

A) *sözleýjiniň özi tarapyndan*

B) *sözleýjiniň birnäçe gatnaşyjylary tarapyndan*

C) *sözleýjiniň şärik bolup gatnaşmagy tarapyndan*

D) *sözleýjiniň birnäçe adamlar tarapyndan*

**10.** Berlen sesleriň haýsy biri düzgün boýunça ýalňyş ýazylan?

A) *"O" sesi ýogyn, giň dodak çekimlidir*

B) *"Ü" sesi dar, inçe dodak çekimlidir*

C) *"A" sesi giň, dodaklanmaýan çekimlidir*

D) *"Ö" sesi ýogyn, dar dodak çekimsizdir*